# Seniñ ýalan sözläniñi gõrdüm men..

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Seniñ ýalan sözläniñi gõrdüm men.. SENIÑ ÝALAN SÖZLÄNIÑI GÕRDÜM MEN…

Iliň teýenesi artyk derdimden,
Gybatym etmedik dil bir barmyka?
Seniñ ýalan sözläniñi gördüm men,
Şu dünýäde dogruçyl bir barmyka?

Puşman tygy biziñ bagrymyz dilýän
Şu günki işime ertesi gülýän.
Kä bilip edýäris, käte-de bilmän,
Bir gara ýokmadyk el bir barmyka?

Atamyz Adamdyr bizi ýaýradan,
Ajy aýralykdyr süýji saýradan.
Bir ilerden öwser, biram gaýradan,
Bir tarapa öwsen ýel bir barmyka?

Esasy sapagy durmuş ylmynyñ –
Ýürekleriñ açarydyr: dil biliñ.
Azaby reýganmy akmak bilbiliñ,
Ýagny bir aýypsyz gül bir barmyka?

Gojalykda ýanmak dälmikä uslyp?!
«Söýgi, söýgi…» diýip, sanaýan tesbyh.
Ulular edipdir söýgini tassyk,
Aldanyp ýörmükäk, şol bir barmyka?

Italmaz AKMYRADOW. Goşgular